# Garramaly

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Garramaly GARRAMALY




*Aýdymçy şahyr A.Çüriýewe*
Seniň söýdük gara gözleň
Wah, nädeýin kütelipdir.
Seň ýoluňa çemen baglan,
Eller hassa göteripdir.
**A.Çüriýew**.

Garraly,
garraýas diýmäli ýöne,
«Garry oýnasa, turjak gaý bar» öňmüzde.
Garraly,
garrylygy duýmaly dostum,
Şerap süzülmeli toý bar, öňmüzde.
Garraly,
garraýas diýmäli agam,
Heniz guçulmaly biller bar, öňde.
Seniň aýdymlarňa bagryn oýkajak,
Aýdyma teşnewi iller bar, öňde.

Garraly,
garraýas diýmäli dostum,
Heniz söweşmeli «söweş» bar, öňde,
Bu dünýäde görip, nadanlar barka,

Garrap bormy!, Niçe «göreş» bar, öňde.

Garraly,
garraýas diýmäli dostum,
Heniz döremeli aýdym bar, öňde.
Ýar lebinde ballar doňar, garrasak,
Kim diýipdir?!, «Baldan doýdum bar», öňde.

Garraly,
garraýas diýmäli dostum,
«Ýürekde lowlajak ýalyn»1 bar öňde
Allaýary arzuwlarna atarjak,
Çary myrap boljak toýuň bar öňde.

Çary KULYÝEW,
filologiýa ylymlarynyň kandidaty.

2012-nji ýyl, maý aýy. Goşgular